# Gün şekilleri

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler,Taryhy makalalar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gün şekilleri GÜN ŞEKILLERI




Taryhy nukdaýnazardan seredilende XIII asyrda Gündogar halklarynyň içinde iň gadymylarynyň biri bolup, türkmen halkynyň ata-baba nesliniň dünýä ýaýrawy barada elbetde biz giňişleýin gürrüň etmäge haklydygymyzy hormatly Arkadagymyzyň türkmen halkynyň taryhyny çuňňur öwrenmäkdäki tabşyryklary esasynda ylham alarlyk dereje berendigi şaýat bolup biler.
Geçmişi seljermek bilen ata-babalarymyzyň dünýäniň siwilizasiyasyna goşan goşantlaryna, olaryň ýaýran şahalaryndaky ata watanlarynda galan yzlara, ene topraga goýup giden hünär ýadygärleigine inçe nazar bilen seredip, biz bu gün türkmeniň geçmişini öwrenýäris. Hut ýaňy-ýakyn ýaşap geçen türkmen halkynyň söýgüli şahyry Gurbannazar Ezizowyň döredijiliginde-de näme üçindir şeýle setirleriň bardygy hakda oýlanýarsyň:
Hany çal dutary, mähriban dostum,
Egseli ýüregmiz atmanka gasyn,
Geçilen ýollaryň şatlyk, bagtyny,
Geçilmedik ýodalaryň gussasyn.

Egseli gussasyn ýalaňaç baglaň,
Güýzüň ýaprak bürän ýata suwlarynyň,
Egseli gussasyn, duw-ak gussasyn,

Mesopotamiýa barýan guwlaryň.

Näme üçin şahyr ala- böle “Mesopotamiýa” diýdikä? Belki ol başga bir ýurda barýan durnalary hem görüp bilerdi. Ýöne… ine şu üç nokadyň syryny açmak üçin 50-80 ýyly şumerleriň taryhy bilen baglanyşykly, beýik medeniýetiň aslyna göz ýetirmek isleýän alymlaryň işlerini okanymda mende şeýle bir duýgy döredi: “Hany ol yzlar, nirede, belki ol yzlar meniň hyýaly dünýämdäki hakykat bilen gabat geler-de başga bir ummanyň ýesiri halyna taşlap, dünýäniň damarlaryndan geçýän taryhy yzarlamaga goldaw berer. Eýsem türkmeniň taryhyny dünýä öwrenýärkä, seniň buýsanjyň hasam artýar.” Guwlaryň näme üçin Mesopotamiýa topraklaryna barýandygyndan habary ýok hem bolsa, şahyr göýäki bir mahallar müňlerçe ýyllar mundan öň Gündogardan Günbatara göç eden ata-babalarymyzyň taryhyny belki içinde saklandyr.
Ynsanyň ruhuna güýç-kuwwat, goluna gaýrat berýän zat öz halkynyň kökidir. Ýöne munuň tersine öz geçmişine ynanmaýan, öz başarnygyna ynanmaýanlar bolsa,ruhy göýdüklige sezewar bolanlardyr. Gadym turkmenleriň Mesopotamiya bilen arasyndaky baglanyşygyny we atalarymyzyň şumerler bilen garyndaşlygy dünýäniň türki kökenli halklarynyň taryhyndan yzarlamak meselesinde has wajyp çemeleşmäge wagt ýetdi diýip düşünýäris.
Mesopotamiyanyň çalymtyk depeleri we olaryň eteklerinde galan bahasyz hazynalar 12-nji asyrdan başlap, ýer ýüzüniň ylym adamlarynyň ünsüni bu uç-gyraksyz çöllüge çekipdir. Bu gözeilginç depeleriň gaty uzak wagtlardan bäri synasynda saklan geçmişi biziň günlerimize çenli getiren ýazgylaryny okap, syrlarynyň çözülmegine dalaş edýän şumerologiýa biliminiň özi ýüz elli ýyl bäri dowam edýändir.
Şu güne çenli gaty kän zadyň üsti açylsa-da häzire çenli kesgitli däl kän syr bardygyny boýun almalydyrys. Şumerler Mesopotamiýa nireden geldilerkä? Olaryň ata watany niredekä? Olaryň dili şu günki dilimiziň haýsy bilen garyndaşka?- ine, şu soraglara jogap entek kesgitli berilen däldir. Bu soraga taryhy hem-de arheologik nukdaýnazardan başga-da, türkmen dili hem-de medeniýeti bilen aragatnaşygy tarapyndan hem ýüzlenmek

meselesi ör boýuna galanynda elbetde türkmen alymlary hiç wagt hem çetde durmandyrlar. Folklor we atalar sözlerini, sözler hazynasynyň baýlygy soňky ýyllarda ýüze çykan tapyndylar bilen deňeşdirip, ýüze çykarmak meselesine has çynlakaý çemeleşildi. Oturymly topraklaryň sallançagy hasaplanylýan topraklarda ýaşamaga giden ata-babalarymyzyň geçmişi, öwrenilen topraklarda şertlere uýgunlaşmagy tarapyndan garalsa, hakykaty ýüze çykarar.

Professor Nazar Gullaýew “Köki çuňňur türkmenim”atly makalasynda “Biziň ata-babalarymyzdan bölünip, Mesopotamiýa giden sumerler, ýagny akaddlardyr, elamlar b.e. öň dördünji müňýyllykda ýaşapdyr we olaryň ýaşan döwri Änew medeniýetiniň ösen döwrüne gabat gelýär.

Ýöne näme üçündir olar medeniýetiň hem-de ykdysadyýetiň ösen döwründe öz watanlaryny taşlap, Mesopotamiýa göçüp gitdilerkä? Beýik medeniýetiň eýesi, beýik buýsanç baýdagyny elinde saklan ynsanlar suwa-oda zar bolup, nälaç öz topragyny taşlap, dogduk diýarlaryny taşlap günorta tarap, iki sany bol suwly derýanyň arasyna göç edipdirler”. Professor Nazar Gullaýewiň çaklamasyna görä, olar biziň eramyzdan öň dördünji asyrda şeýle çykalga eýe bolan bolsalar,

Ine şu görýän şekilleriňizde elbetde adam öz durmuşyny beýan etmek isläpdir. Tebigatdaky täsin görnüşlerden nagyş çyzyp, ilkinji sungat basgançaklaryna degişli pikirleriň ýüze çykmagy bilen täze eýýäm açylypdyr. B.e. öň 2-3 asyra degişli bu suratlar has kämilleşen şekilde bolsalar hem (biz has gadymy gaýa ýazgylaryny- da mysal alyp bilerdik, ýöne umumy bir düşünjäniň gürrüňini etmek üçin, diňe nusga hökmünde aldyk), biz esasy maksady görkezmek isledik. Ýagny adamlaryň tebigatdaky şekillere üns berip, olary özüçe işläp başlamagy ilkinji nobatda olaryň diňe özünden soň ýaşap geçendiklerini aňlatmak islän bolmaklarynyň hem mümkinçiligine meňzeýär.

Çünki ynsan özüniň bary-ýogy orta hasap bilen 60-70 ýyl ýaşap bilýändigini beli-de şol döwürlerde ilkinjiler bolup, göz ýetirilen bolmagy hem juda hakykata golaý. Edil şol sebäpli hem adamlar özleriniň ýaşan gysga wagt lezzetin, sagny “süýjüje jany” (Ejem pahyr-Gurbanbibi ata gyzy bu sözi

şeýlebir süýjüdip aýdardy, hamana ol bir iýilýän süýji zat ýaly barmaklary bilen görkezerdi, ýatan ýeri ýagty bolsun) tabşyrmazdan öňürti bu zemin atly bir uly bölekde,ýagny älemiň böleginde ýaşap geçen çyzgylaryny görkezmek islän bolmaly. Megerem şol islegleriň netijesinde, onsoňam gaýalardaky ýazgylaryň netijesinde juda-juda hyjuwlanan wagty ýazgy ýazan bolmagynyň gaty ähtimallygy ýüze çykýar. Her bir taryhy çyzgylaryň aslynyň juda-juda gymmatlydygyny bu gün ylym subut etdi.

Çünki bu gün Leonardo da Winçiniň çyzan ýeke çyzygy nähili gymmada geçýändigini aýdyp oturmagyň geregi ýok ahyry. Hut şu nukdaýnazardan hem adamzadyň hyjuwlarynyň aňyrsyndaky tebigatyna düşünmegimiz gerek. Elbetde ylmy çaklamalardyr, subutnamalar biziň kitabymyzyň içinden eriş-argaç bolup geçer, bu düşnükli zat. Ýöne birinji subut etjek bolýan zadymyz ynsanyň öz derejesindäki zehininiň döwrüne-zamanyna görä has çalşyp, üýtgäp hem-de onuň öz gymmatyny ýitirmezligini gazanmagy ilkinji meseleleriň biri bolup durýar. Adam öz dünýägaraaýşy bilen başga bir öwrümlere ýol agtarýar.

Mysal üçin adam şol gaýanyň şol burçunda ýaşapdyr we belli bir şertlere görä ol ýerinden süýşüpdir. Diýmek adam ilkinji bilen-ä özüniň baky ýaşamaýaanyny bilipdir, soňam şekiller arkaly kämilleşýändigini beýan edipdir, şol bir wagtyň özünde-de özi bilerden bilmezden beýlekilere ýalňyşmazlyklaryn(hamana) bildiripdir, ýene -de ol ýerden gidýänligini beýan edipdir we ş.m. Ine, şeýlelikde adam ýaşap oturan gowagyny taşlapdyr-da başga bir ýere meseleem howa şerti, ýaşaýyş, iýmit, suw şerti bar ýere göç edipdir. Ine, şeýlelikde ýeriň ýüzünde ynsanyň planetanyň ýokarky bölegine we aşaky bölegine süýşmäge doly ygtyýary bolupdyr. Elbetde, ynsan sowuk hem-de juda gurak ýurtlaryň “intizary” däl. Sebäbi hemmelere düşnükli. Şol sebäpli-de güneşiň çoýup, ýere düşýän ýerinde we suwuň bol ýerinde ýaşamak höwesi adamzadyň iň uly arzuwy bolupdyr. Ol intizarlyk belki-de halkyň ýaşaýyş şertleri bilen baglydyr, elbetde şeýle. Güneşiň topraklary ýyladyp, adamzadyň durmuşyna-da “şöhle saçmagy” ýöne bir onuň ýylylyga sarpa goýmasy däl-de, eýsem güneş topragyň gursagynda

“ýürek “bolup döräpdir. Ýeriň ýüregi bolan Orta Aziýa sebiti, şeýle-de tas Ýewropanyň “etekleri”bu ýylylygyň döräň “höwürtgesidir, ýagny “güneş diliniň”, has dogrusy adamzadyň dörän hem-de elbetde onuň diliniň-ses baýlygynyň dörän ýeridir. Dünýäniň ilki gurluşlary, adamzadyň ses “turbajyklarynyň” düşünişmesi hakyndaky ylmy çaklamalar elbetde her ýerde her hili. Bizem bu kitabyň üsti bilen elbetde adamzadyň döreýiş başlangyjjyny kesgitlemezden ylmy çaklamalara salgylanýarys. Elbetde bu çaklama çünki biziň indiki bölümde ýazjak “klinopis ýazgylarymyz” adamzadyň özi hakdaky taryhy öz eli bilen ýazmasyna sebäp bolan halydyr.
Belki- de adamzat döräninden başlap, ýa şol ýaakynlarda özüniň taryhy geçmişini, döreýşini hat üsti bilen geçiren bolsa, bize belki çaklamalara esaslanman, eýsem, gönüden-göni faktlara esaslanmak gerek bolardy. Emma gynansak-da bu ýazgylaryň saklanmany sebäpli, başda aýdyşymyz ýaly diňe dini kitaplarda, ol hem has soňralar ýüze çykan ylahy güýçler hakdaky salgylanmalara esslanyp, ýagny dini düşünjeleriň esasynda dörän eserlere ýüzlenmäge mümkinçilik tapýarys. Güneş dili hakda gürrüň etmezden ozal, ýagny adamzadyň döreýiş diliniň dünýä ýaýramgy hakda söz açmazdan öň men ilki döreýiş çatrygyndaky irki suratlardan ýagny gaýalaryň hem-de gowaklaryň içinden tapylan suratlardan söz açmak, ýagny bu ýaýraýan diliň dünýä täsirini bilmek hukugymyzyň bardygy hakda dil açmagymyz gerek diýen düşünje meni has özüne çekýär. Ýylyň haýsy pasly şekillendirýänligine garamazdan güneşden “nur”, «ylham”, “güýç” alan, şeýle-de onuň tegelekligini dini düşünjä salan adamzat ilkinji gowaklara çeken şekillerinde hem bu “beýik tegelegiň”özlerine “mugt”, deregine hiç zat soramazdan berýän çäksiz “güýjüne” bolan ynamy bolsa,hiç bir jähtden gaýragoýulman öwrenilmeli meseledir. Hat-da kä halatlarda güneş şekilli tapyndylaryň hem-de olaryň dürliliginiň meni haýrana goýandygy hakda,eger mümkinçilik bolsa, ony aýratyn öwrenilmelidigi hakda belläp geçmek mükinçiliginiň bu ýerde döreýändigi meni juda gyzyklandyrýar, hem-de ynsanyň tegelek hakdaky ilkinji düşünjelerini elbetde gün beren bolmaly diýen çaklamamamy hiç kimiň inkär etmejegine we edip hem

bilmejekdigine ynanýaryn.
Sebäbi adamzadyň dogup-döräp, ilkinji göz öňüne getirýän iň uly tegelek formasy elbetde gündir. Mysal üçin çörekleriň tegelek bolmasy, gülýäkalaryň tegelek bolmasy, eýsem juda köp zatlaryň tegelek formada şekiliniň alynmasyna elbetde men günüň “iýşi” diýip düşünýärin. Indi güneş diliniň özi näme?





kitapcy.ru

- **Güneş. Tegelek şekil**. Eýsem bu şekil dünýäniň gurluşyndaky ilkinji forma dälmi? Ine, şu suratlara serediň, şu ýerde tegelek gün şekiliniň orny, oňa çokunylyşy, ony zenanyň döşündäki gün hanjary bilen dakylmasy, bu formanyň asyrlar döräp, hemişe adamzadyň durmuşynda möhüm orny eýeländigine göz ýetirmek mümkin. Hut şol nukdaýnazardan hem biz dünýäniň tegeleginde gün şekiliniň esasy orna eýe bolmagyny heem-de onuň hut taňry adyna eýe bolmagy biz üçinem, hemmeler üçinem gyzyklydyr. Gün şekilli tegelek türkmen halkynyň hem gelin-gyzlarynyň döşüne dakýan gülýakasydyr. Bu tegelekde beýik bir mukaddeslik görýän adamzat diňe şonuň tegelekligi bilen çäklenmän, eýsem hut onuň şelpelerini hem döredipdir.

Suratlarda türkmen söweşiji gyzynyň eşigi we häzirki zaman türkmen gyzynyň eşikleri.








Şu gülýaka serediň, ol günüň şekilinde,hem-de onuň şelpeleri gün şöhlesiniň keşbidir. Türkmen gyzynyň egin-başlaryny geýeninden soň üstünden dakylýan “şaý-sepleri” aslynda “söweşiji zenan maşgalalaryň eşigi”- diýip, taryhy çaklamalar bar. Gün şekilinde ýasalan gülýaka hakyk daşlary bilen bezelipdir. Ol daşlaryň gudratly daşlardygy, onuň güýjüniň adama täsir edýär.



Şeýle şekilleri islendik türki halklaryň hem nyşanlarynda, şol sanda medeniýetinde, arhitekturasynda, sungatynda tapyp bolýar, bu düşnükli zat. Emma biz gözleglerimiz arkaly türki

halklaryň medeniýetindäki günüň şekilini yzarlamak bilen aslynda ýaýraw meselesinde hem-de güne çokunmak bilen Orta Aziýanyň ähli regionlarynda, şol sanda türki belgili halklaryň ählisinde diýen ýaly şu belgini, ýagny günüň nyşanyny taňry edinip, hat-da gadym şumer dilinde dingir sözüniň-gün sözüni aňlatmagy bilen, adamlar ondan gorkupdyrlar we ondan gorkanlary üçin, oňa çokunypdyrlar. Beýle "çokunuşlygyň", has dogrusy men ony "gorky"-diýip alardym, has aňyrlardan, ýagny ilkinji siwilizasiýelerden gelen bolmagynyň ahmaldygy barada durup geçmäge biziň mümkinçiliklerimiz bar. Taryhy şahalar ilkinji siwilizasiýanyň ojagy bolan Şumerleriň ýaşan zamanlaryndan galan palçyk ýazgylaryna esaslanyp, dünýäniň döreýşi hem-de ilkinji ýüze çykan adamlaryň ýasalmagynyň sebäplerini düşündirýän birnäçe häzirki zaman alymlaryny aňk ediji düýpleýin çeşmeleriň üsti bilen biz şeýle bir zatlara göz ýetirdik.
Elbetde zamanlar öz akymy bilen akyp dur, geçmişem diňe bizden öň döräpdir, gelejegem bizden has uzakda. Emma biziň ýaşan zamanymyzyň bizde galdyran täsiri, biziň paýymyz. Dogrusy Günüň şekili hakdaky teoriýamyzdan daşlaşmazdan öňürti, onuň şekiliniň bu günem ulanýylýandygy, arheologik gazyndylarda häli-şindi gabat gelýändigini biz kitabyň dogamynda ýatladym geçjekdigimizi aýtmalydyrys. Gün şekili Gün sistemasynyň iň esasy merkezi bolup, ol ýaşaýyşy özüne baglap duran Beýik Güýçdir. Janly organizmleriň ýaşamagy üçin onuň zerurlygy başga bir zat bilen deňeşdirer ýaly däldir. Şeýlelikde onuň şekili biziň ählimiz üçin ilkinji formadyr. Rus alymy Zahariý Sitçiniň "12-nji planeta"atly kitabynda bellenilişi ýaly Gün sistemasynda müňýyllyklardan aňyrda Niberu atly älemiň bolandygy hem-de şol planetanyň bolandygyny şumerleriň palçyga ýazylan ýazgylaryndan yzarlamagy bilen taryhy çeşmelere ýene bir täsin pikirleriň goşulandygyny habar berýär. Aslynda ilkinji siwilizasiýanyň eýeleri bolan şumerleriň ýazgylarynda gün sistemasynyň sanawy hakda örän takyk habarlar bar.




Ine, şeýle wakalary beýan edýän şumer tablisasy,has dogrusy palçyk ýazuwlary. Elbetde biz şumerleriň iki derýanyň arasynda, ýagny apatyň, Tigr hem-de Ýewfrat derýalarynyň arasynda ýaşandygyny bilýäris. Elbetde palçyk ýazgylarynyň hut şol ýerden ýüze çykyşy we şol ýerde taryhyň ilkinji gezek eser hökmünde beýik bir ylmy nusga gelişi bize aýandyr, türkmen alymy Ödek Ödekowyň bellemegine görä, “Şum ýer” özüniň palçygy bilen belli bolan bolmaly, Hat-da Nuhuň tupanynyň hem şol ýerde bolan bolmagy mümkinligi hakdaky çaklamaalary tassyklaýan şumerologlar bar. Çünki ilkinji tablisa ýazylan, sagny palçyga, kesege çyzylyp ýazylan “şine” ýazgylarynda, (türki wariantlarynda “çüý ýazgylary”- diýip alynýar), şol ýazgylarda 12-nji planeta barada açykdan-açyk beýan edilýär.



Suratda görnüşi ýaly şumerleriň ýaşan ýeri iki derýanyň arasydyr. Hat-da “Gilgamyş”dessanynda äpet suwuň bolandygy, eposyň esasy gahrymanynyň şol suwuň içinden “bakylyk” otuny tapandygy, ýöne arman ol oty alyp gelýärkä, ýolda bir köle çümeninde oty bir ýylanyň alyp ýuwdandygy gürrüň berilýär. Has

dogrusy bu ýerde “bagt” hem, “betbagtlyk” hem Gilgamyşa suwdan gelýär. Dogrusy suw temasy yzarlanýar. Şeýlelik bilen esasy gürrüňmizden daşlaşmazdan biz özümiziň ilkinji siwilizasiýada dünýä meşhurlyk goýup giden aňrymyz bardaky, olaryň durmuşynda gün şekliniň äpet orny tutandygy baradaky gürrüňimizden sizi daşlaşdyrmazlyk isleýärin we şol gürrüňi yzygiderliligi bilen dowam etdirmek meniň kitapdaky esasy borjum.
Diýmek şumer ýazgylarynda, “şine” ýazgylarynda, gün sistemasynyň düzüminden söz açylmagy dogry çaklamalara gabat gelýär diýdik, hem-de onuň “geçegçi älem”- şumer dilinde Nibiru adyny almagy,onuň ýazgylarda aýdylmagyna görä, Gün sistemasyna 3600 ýyldan bir gelýändigini ýatladylýar. Bu ýerde alymlaryň bellemegine görä,2100 hem-de 2158 ýyllar aralygynda Nibirunyň ýene-de Gün sistemasyny “ätlejekdigini” ýatlatmagymyz gerekdir. Şumer klinopislerine görä, Niberu planetasyna juda akylly jandarlar bolan annunakiler ýerleşdirilenmiş.
Olar ýerli wagt bilen 360 000 ýyl ýaşapdyrlar. Ol döwürlerde zenanlaryň boýy 3-3, 7 metr çemesi, erkekleriňki bolsa, 4-5 metr çemesi bolupdyr. Ilkinji Anunakiler ýere 445 müň ýyl ozal gelipdir we ol şumer siwilizasiýasynyň döremeginden gaty kän wagt öň bolandyr. Bu maglumatlaryň howaýy ýa-da rowaýaty usulda däl-de taryhy çeşmeler esasynda öwrenilendigini ýatlatmak bilen men şeýle bir zady aýtmak isleýärin. Ilki bilen-ä ýere ilkinji gelen janly organizmler anunakiler bolsa, olar özlerini ýa-ha gün sistemasynyň beýleki ýerinden gelen, ýa-da Niberu planetasyndan gelen diýip,yşaratlandyrmak üçin gün şekilini häli şindi mazmunda ulanypdyrlar. Şeýlelikde Gün sistemasynyň 12-nji planetasynda ekologik apatyň bolmagy, ol planetany goramak üçin altyn ekranlaryň gerek bolandygy hakyndaky çaklamalar bilen ylmy subutnama ýüzlenmek mümkinçiliginiň bolandygyny alymlar aýdýarlar.
Dogrusy şeýle ekranlaryň häzirki döwürde kosmiki proýektlerde ulanylýandygyny belläp geçmegimiz gerek.ilkibaşda anunakiler altyn gazmak işini özleri ýerine ýetirip,ol altynlar Pars aýlagynyň suwundan alynypdyr, soň-soňlar şahta gözlegleri günorta-gündogar Afrikada dowam edipdir. Şeýlelikde 3600 ýyldan aýlanyp gelýän Niberu planetasy Ýere ýakyn gelipdir we olar altyn zapaslary öz planetalaryna iberipdirler. Çeşmelere görä, annunakiler 100-150 müň ýyl altyn gazypdyrlar. Şeýlelikde bu iş olaryň ýüregine düşüp, olar ýönekeý işçi

topary döretmegiň kül-küline düşüpdirler. Şeýlelikde “gelmişekler”hem-de ýer janlylary arasyndaky çaknyşdyrylmanyň dowamynda “işçi topar”emele gelipdir. Şeýle maglumatlaryň şumer ýazgylarynda saklanýandygyny size häli-şindi ýatlatmagymyz meniň pikirimçe gürrüňi edilýän zatlarymyzyň howaýy däldigine, subutnamalydygyna bolan ynamymyzy artdyrar. Şeýle ýagdaýyň häzirki zaman alymlarynda täsin, aklyňy haýran edijiligi döredenligi hakda Seçin özüniň “12-nji planeta” atly kitabynda aýratyn belläp geçýär. Dini kitaplarda ýüze çykyşyna görä Niberu planetasyny dolandyryjy Anu hem-de anunakileriň iň uly alymy Enki “Adamy”döretmegiň kül-külüne düşýärler. (Adam-Ýer diýmegi aňladýar.Elbetde Adamyň iş üçin ýaradylmagy maksat edinilendigini göz öňüne tutmalary bilen, adam häzirki zamana çenli diňe zähmet bilen gününi görýär. Alymlaryň çaklamalaryna görä, Adam aňynyň pesligi üçin ony çaltlaşdyrmak zerurlygy ýüze çykyp, oňa kosmiki beýnini “sowgat” edipdir.




Elbetde ilkinji kämil adamy ten boýunça almak başartmadyk hem bolsa,,netije öz kämilligini beripdir. Netijede müňýyllyklardan Adam döräpdir. Şeýlelikde altyn çykaryjy şahtalarda müňýyllyklaryň dowamynda Adamlar işläp başlapdyrlar.






Bu şekil ýönelige ulanylmandyr hem-de biz kitabyň öňdäki baplarynda tegelek şekiliň, onda-da gün-taňry nyşanlylygy

hakda içgin gyzyklanmak netijesinde şeýle mazmuny açmaga synanyşjakdyrys. Okyjylara gelejekki sahypalarda bu barada has içgin düşündirip, subutnamalaryň gelejekde-de uly mazmun bilen täzeçe garaljaklygy hakda öňündden biziň aýtmagymyz gerekdir.
Elbetde güneş dimegiň özi, «ýaýraw” hem-de “şugla saçýan”, manylarda ulanylýar. Indi biziň güneş şekilli ýaýrawlarymyza güneş dili hem girýär. Güneş dili näme? Biz bu soraga jogap bermek üçin örän köp taryhy sahypalary dökmeli bolduk. Ine, ol gözlegler netijesinde hem şu kitap kemala geldi. Indi güneş diliniň özi näme, ine bu sowal bilen gyzyklanyp, dünýäniň taryhyna ser saldyk.



Dünýäniň dürli halklarynyň ýaşaýyş ölçegi, ol halklaryň medeniýet, dili, dini, däp-dessury öwrenilende beýik medeniýetiň eýesi bolan türk dünýäsiniň aýratyn orun berilýändigini hemişe boýun almalydyr. Çünki baryp asyrlar aşan içki medeniýeti bilen ýer togalagynda yz goýan, gadym beýik medeniýetiň eýesi türk dünýäsi şahyrlaryň hem-de edebiýetçylaryň dilinde hiç wagt öz mazmunyny ýitirmän gelipdir. Munuň özi halklaryň gadymylygy hem-de däp-dessur meselesinde berk-düzgüne gulluk edýändikleri bilen baglanyşyklydyr. Hiç wagt beýik ruhly medeniýetleri ýok edip bolmaýşy ýaly, köki, ruhy çuň medeniýetli dili hem ýok edibem bolmaz, iňa synanyşmagyň biderek wagt ýitirmekdigine göz ýetirmelidir. Beýik türk dünýäsiniň birleşen ruhundan onuň haýsydyr bir gazananyny ýok etjek bolmagyň özi parasatly atanyň ogluna hyýanat etmek bilen deň zatdyr. Türk dünýäsi öz gazananyny hiç kime bermezem, oňa şek hem ýetirtmez. Bu barada baryp-ha on birinji asyrda Türküstanda doglan Mahmyt Kaşgarly: “Türki dünýäsine aýlandym, gördüm, ardym, görsem, Taňry döwlet güneşini Türk dünýäsiniň burçundan dogdurypdyr”. Ine, her bir türk dünýäsini söýýän adam muňa dogry düşünibiler. Mahmyt Kaşgarly:
«Türk’ün, Türkmen’in, Oğuz’un, Çigil’in, Yagma’nın Kırgız’ın lisanlarını ve kafiyelerini tamimiyle zihnimde nakşettim. Bu

hususta o kadar ileri gittim ki, her taifenin lehçesi bence en mükemmel surette elde edilmiş oldu… Türk dili ile Arab dilinin at başı beraber yürüdükleri bilinsin diye…»
Hiç bir jähtden hiç bir dilden kem däl, türki dilleriň özen birligi hökmünde elbetde tüerkmen dili bolup durýandygyny aýtmak zerurlygy ýüze çykýar. Elbetde türkmen diline ýakyn dilleriň ählisi-de türki diller daragtynyň şahasydyr. Ähli türki dilleriň çalgyrdyrak türkmen diline meňzeşligini hem boýun almak zerurlygy ýüze çykýar. Türkmen dili köken birligini emele getirýän halda her bir döwürde-de öwrenilipdir. Mahmyt Kaşgarly diňe bir türk dünýäsiniň dilini, onuň dialektlerini öwrenmän, eýsem türk dünýäsiniň dilleriniň, halklarynyň ýaýran kartasyny hem düzýär we ony “Diwani lugatit türk” atly kitabynda ýerleşdiripdir. Elbetde onuň dogduk mekanynyň türküstan bolany sebäpli ol tebygy ýagdaýda kartanyň başlangyjyny gündogardan başlap çekipdir. Munuň özi alymlaryň arasynda dürli jedeller döretse-de kartanyň türki dünýäsine ýaýran “süňňüni” düşündirmek üçinörän ýerlikli bolandygyny bellemek gerek. Elbetde Türk dünýäsiniň şahalary hem ýaýrawlary beýik medeniýeti öz içine alýar. Türkmenleriň bolan ýerlerine aýlanyp, dillerini, olaryň dialektik aýratynlygyny öwrenen Kaşgarly Mahmyt öz ruhy derejesini bir meýdan dünýä türki halklaryň ýaýraýşy bilen delillendirýär. “Bütün Sirderya (Seyhun) kıyılarını dolaştığından kitabında söz etmektedir. Ayrıca Türk tarihini, coğrafyasını ve folklorunu da çok iyi biliyordu. Kitabında belirttiğine göre, ailesi Kaşgar’dan Irak’a göç”- Topbak-topbak gara bulutly asmanlardan aýlanyp barýan gün elbetde, gadym dünýäň taryhynda gudratly hudaýa öwrülipdir. Ynsanlaryň içinde güneşe çokunmak,olaryň içki gorkusynda tebygy hadysalardan çekinmek ýaly duýgulary olara garaňkylykdan ýagtylyga çykan wagtlarynda, ýagny gün doganynda hasam zerur syzypdyrlar. Her garaňkydan soň günüň dogmagy bilen adamlaryň ýagtylyga çykmagy olarda sebäp hem isleg döredipdir. Şeýlelikde güneşe çokunmak 15-müňýyllyk taryhy yzarlap, tebygy hadysalara görä göç eden türki halklaryň öz dillerindäki baglary esasynda başga dilleri hem öwrenmegi gelip çykýar.
Güneş dilinden ýeriň ýüzüne ýaýrap gidýän dilleriň esasy kökünde belli bir diliň bolmagy bilen, ol dil özüne ýakyn dilleriň assimiliasion täsirinden esaslanyp, gapdaly bilen özüne meňzeş dilleri çekip almagy we olardaky zerur hem meňzeş

sözleri öz dartyş güýji esasynda wagtyň hem-de tebygylygyň zerurlygy esasynda öz hataryna geçirmegi dil medeniýetinde tebigy hadysalaryň biridir. Aslynda dünýäniň ýüzünde adyllyk bilen dil medeniýetini öwrenmek üçin dilçileriň saýlap alan ýollarynda ilkinji nobatda öz diliň üçin söweşmek däl-de, eýsem öz diliň hem esas edip, her bir dili ýerinde goýup, ony dirilikde öwrenmek beýik medeniýetiň eýesi bolan halkyň wekillerine başardybiler. Güneş dili dünýä dillerine esas bolup, şaha ýaýradýanlygyna garamazdan ol diliň hem Ýewropaly hem-de Aziýaly alymlar tarapyndan dürli pikirler esasynda bölünmek halyndadygyny agzaman geçmek bolmaz.
Pikiriň hakykatyna adyl çemeleşmek, ol her bir dilçiniň,her bir edebiýatçynyň, her bir ýazyjynyň öz käriniň öňündäki borjydyr. Pikir durulygyny gazanmak, ertir ol pikiriň uzak ýaşamagyna kömek eder. Ýewropaly alymlaryň öňe sürýän pikirine görä, Nostratik atly kök dili özüne häzirki döwürde tarapdar toplap, majarlaryň, Günbatar Sibirde ýaşaýan Ugor we Türk kökli halklaryň birleşmesinden kemala gelen hasap edilýän Majarlaryň atalary milattdan soňky 4-nji asyrda Hunlaryň akymy bilen Magna Hungariýa, ýagny Wolga derýasynyň orta akymyna göç edipdirler. Şol sebäpli hem Majarlara türk kökli Onogur-Balgar kowumlary bilen aragatnaşyk edip, atly-kejebe esasynda 5-nji asyrda ilki günorta-günbatara tarap göç edip, Hazarlaryň ýaşan topragyna siňendir. Olar türki köklerden gelip çykan we dünýäniň ähli burçlarynda türki güneşi gören taýpa bolandyklary üçin günüň şekli simwolik äheňde dünýä ýaaýran dilleriň çyzyklaryny şekillendirýär. Şu ýerde ýene-de bir zada ünsi çekmek isleýäris. Dil şahalarynyň ýaýramagy bilen ýüze çykan dil köküne nastratik-diýilýär we bu barada ýokarda hem agzap geçipdik. Nostratik-bize degişli bolan-diýmegi aňladýanam bolsa, Orta Aziýa gözbaşly halklaryň dili gadym-türkçe diýip, biziň doly buýsanç bilen aýtmaga hakymyz bar. Ýöne beýle ylmy çaklamany türki dilli alymlaryň gaty inçelik bilen öwrenmese durmuşa geçmeginiň kyn boljakdygy hakda Doktor Haluk Berkmen özüniň “Kadym Bilgelik” atly ýazgysynda birnäçe gezek aýdyp geçýär. Ol bu nukdaýnazary janlandyrmalydygyny birnäçe gezek nygtap geçýär we şu ýerde ýene-de dil diýip, ene diliniň diriligi diýip, dünýäden sergezdan geçen Dädem Mahmyt Kaşgarlynyň sözlerini mysal edip getirmegi makul bildim: “Birlik bar ýerinde, dirilik bar”. Şol birligem bizi türk dünýäsiniň ykjamlygyny, berkligini we juda agzybirligini bir

ýerde saklajak güýç bolar diýen ynamym bar. Howa, şeýdip, güneş dili dünýä agyr-agyr kerwenleriň jaňlaryna goşulyp, derýalaryň boýlaryny syryp barýan göçler bilen dünýä ýaýraberipdir. Dili ýüze çykarýan harplar hem derýalaryň boýlary bilen belki-de kagyzlarda, belki-de matalarda, belki-de başga bir zatlarda dünýäni suw-sil alsa-da saklanjagyny bilip,dünýäniň dürli künjeklerine ýaýran bolmaly. Bu biziň çaklamamyz bolsa-da olar belli-belli alymlaryň eserlerine daýanylyp aýdylýan çaklamalardygyny her bir pursatda ýatlatmak isleýäris. Harplar hal bilen hal arasynda, müňlerçe assimilýasiýany başdan geçiren hem bolsalar, olar şol “oduň”içinden geçip şu güne gelipdir.




38-harpdan ybarat şekilleri hem sesleri aňladýan harplar barada ilkinji güneş diliniň ýaýran ýeri bolan dünýäniň kartasynda atlandyrylyşy boýunça “Merw bölegi”atly parça şeýle täsin bir duýgyny kalbyňda açyp görkezýär. Doktor Haluk Berkmeniň belleýşine görä b.e. öň 15-3 asyrlar aralygynda, ýagny on iki asyrlap türki dilli halklaryň dünýä ýaýran döwridir. Bu asyrlarda Aziýanyň gündogarynda koreý, ýapon,

tunguz ýaly diller ýüze çykandyr we Bering bogazyndan geçeniňde maýa, aztek, inka dilleri ýerli ilatlara göçüp gelenleriň olardan hem köplügi sebäpli, ornaşandyr. Orta Aziýada galanlar bolsa, ýazuw dilini doly derejede ýüze çykarmak üçin jan çekendirler. Şeýlelikde göktürk ýazgysy ýüze çykandyr we şol zamanlarda günbatara we günorta göçenler Şumer çüý ýazgylaryny, elam, saka, etrüsk ýazgylaryny ornaşdyryp başlapdyrlar. Ýazuwyň bu görnüşlerinden bolsa, grek hem-de roman ýazgylary hem gelip çykypdyr. Günbatara göçenleriň dillerinden bolsa, wiking, fin, majar, baltyk harplary ýüze çykandyr. Eýsem häzirki döwürde Anadolydaky likiýa we lidiýa ýazuwlary iň gadymy türki dile iň köp meňzeýän dilleriň biridir. Dünýä ýaýran türki dilleriň ene dili bolup, ilkinji merw parçasynda güneş kibi parlaýan beýik bir medeniýeeti hem taryh ýaňlaryny özünde saklaýan mukaddes dil, türki dilleriň içki akymyndaky täsin harp we ýazuw medeniýetine boýun egýändir. Gaýalardaky hem-de gowak diwarlaryndaky ýazgylary okamak üçin güneş dil kanunyna ýüz tutmak,ýagny dilleriň ýitip ýok bolup gidenlerini öz şahalary esasynda öwrenmek juda köp inçeden işlemegi talap edýänligi sebäpli baryp-ha şol 3-15-nji asyrlarda göç eden” dilleriň ykbalyny öwrenmek esasynda dünýä şaha bolup ýaýraýan türki kökli dilleri dogry hem-de nesillere öwrederlikli ýagdaýda öwrenmegimiz gerekdir. Aslynda her diliň köki düýpleýin öwrenilende ol diliň garyndaş dilleri bilen bile bir şahada öwrenilmeginiň zerurdygy bu gün aýdylmaly mesele däldir. Dil degirmenine salanyňdan soň, onuň öwreniliş usulyýetinde näçe şol belli bir öwrenilýän diliň garyndaş dillerini bilelikde öwrenseň, munuň özi bahasyna ýetip bolmajak hadysadyr. 2010-njy ýylyň iýun aýynda Stambul şäherinde, Egitim köýünde geçirilen halkara-türki dilli halklaryň dil we dialektiki aýratynlyklaryndan gelip çykan netijeler atly kongrese gatnaşmak türkmen şahyry hem ýazyjysy, terjimeçisi hem dilçisi hökmünde meniň hem paýyma düşdi. Munuň özi meniň durmuşymda üýtgeşik bir özgertme boldy. Halkyň dilini öwrenmek, onuň baýlygyna göz ýetirmek her kese başardýan iş hem däl, asla her kes bu meselä gelip hem bilmeýär. Türki dilli halklaryň şiweleri hem-de dialektiki aýratynlyklaryny öwrenmek üçin olaryň garyndaş dilli halklary bilen bilelikde geçirilen konferensiýa elbettde halklaryň milli dil birligindäki has çuň öwreniljek meselelere sebäp bolup biler.

Bu ugurdan ömrüni arheologiýa sungatyna beren W.S.Sarianidi bu ýer böleginiň geçen asyrlardan galan beýik bir hazynadygyny subut etmesi türkmen halkynyň gelip çykyşyny öwrenmekde edilen işleriň iň ulularynyň biridir. Häzirki döwürde-de dünýäniň ýüzüniň Türkmenistana bakmasy bahasyna ýetip bolmajak baýlykdyr we bu işde taryhçylaryň örän uly, bahasyna ýetip bolmajak iş edýändigini bellemegimiz gerek. Merw parçasyna girýän bölekleri ilkinji nobatda Baktriýa, Merw Özbegistan, Täjigystan, Gündogar Eýran, Günorta Päkistan ýaly territoriýalar girýär. Şol nukdaýnazar bilenem, esasy nobatyň, ýagny iň siwilizasiýanyň ösen ýeri hökmünde Merw parçasyny siwilizasiýanyň merkezi hökmünde häzirki döwürde bilim hakykatdan hem has içgin öwrenýär.

Oguljennet BÄŞIMOWA. Taryhy makalalar